# Ahmedim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ahmedim AHMEDIM!

Dõzmez şu halyma meniñ,
Ol dagy Mugan Ahmedim!
Bakdygym gül ýüzüñ Seniñ,
Çekdigim pygan Ahmedim!

Diñle meni, eý, Gül beden,
Sõzünde durar lebz eden.
Ýüzüme gülip kebzeden,
Zyñdylar keman Ahmedim!

Ýygan gülim bogdurmady,
Bagt gününi dogdurmady,
Dünýe meni sygdyrmady,
Siltedi zaman Ahmedim!

Dañym Señ bilen atmasa,
Günüm Señ bilen batmasa,
Eger Seni wasp etmese,
Lal bolsun zyban Ahmedim!

Dolar egsigim kemlerim,
Ýüzüme düşsün demleriñ,
Gõzüm bassyn gadamlaryñ,
Tapayyn kemal Ahmedim!

Şeytana ýolum bagladyp
Şer işler keýpim çaglady
Gõrûp Ýusup ýas baglady
Aglady Kengan Ahmedim!

Soñky hayyş soñky sõzlem,
Ganly ýaşlar akar gõzden.
Şepagatyñ hak et bizden,

Sizlere Salam, Ahmedim! Goşgular